# Ýoldaşlyk degişmesi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýoldaşlyk degişmesi ÝOLDAŞLYK DEGIŞMESI

Kolonnanyň başyn çekip,
Kim bu gelýän? Berdi aga.
Gelýär Nebitdagly gelýär
Gurultaýy gutlamaga.
Çary Aşyr näme ýatdyň,
Baý, gaýyşly eken ýakaň.
Satdyň, «Ýaş kilwana» satdyň
Dowamyny «Ganly sakaň».

Ata Salyh, mergen şahyr,
Nyşanany urar çüýläp,
Öten ýyldy okyjylaň
Gül zyňany ony sylap.

Aman aga «söýüşýänleň
Basym boljak toýy» diýýär.
«Ýok, garaşyp ýörmez olar,
Ýörmez, ömür boýy» diýýär.

Serediň siz Muhtarowa,
Serediň ol nädiberdi?
Otuzynjy ýyla garap,
Yza tarap ädiberdi.

Ruçkaňy golda somlap,
Ýetişýäň her ýere şahyr.
Ýöne, «Hindi» kitabyňy
Haçan okars, Gara şahyr?

Ýoldaş Karpow, eşidýäňmi?
Aşyr çal saç boldy bir çak.

Indi täze Aşyr hakda
Haçan ýazjak, haçan berjek?!

Bakyñ, ynha bile gelýär,
Kerim bilen Berdinazar.
«Taýmaz», «Gyzgyn sähra» ýaly
Täze-täze eser ýazar.

Tanýañyzmy bu barýany?
Ýaş ýazyjy Tañryguly!
Ýazan zady az bolsa-da,
Arzuwlary örän uly.

Ýazyjylañ gurultaýy
Ýetip gelýär, ýetip gelýär.
Her kim oña sowgat edip,
Ýükün kemsiz tutup gelýär.

Teksti M.Seýidowyñky.
Suraty W.Owçinnikowyñky.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 07.03.1959 ý. Goşgular